TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

**Begmyrat Ataýew**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

# MAGTYMGULYNYŇ GOŞGULARYNYŇ TERBIÝEÇILIK ÄHMIÝETI

Nusgawy türkmen edebiýatynyň beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde giň mazmunly terbiýeçilik ähmiýetli goşgulary uly orny eýeleýär. Şahyryň döredijiliginde, baý edebi mirasynda terbiýeçilik meselesi, ýagny öwüt-ündewleriň şöhlelendiriliş ýagdaýyny yzarlamak, olary ylmy derňewe çekmek hem-de jemgyýetçilige ýetirmek meselesi bolsa uly ähmiýete eýedir.

Dana şahyryň döredijilik örüsiniň örän giň bolandygy mälimdir. Onuň edebi mirasynyň agramly bölegini ynsanperwerlik, durmuşy meseleler, ahlaky we terbiýeçilik öwüt-ündewler tutýar. Akyldar şahyr Magtymguly Pyragy halka öwüt-nesihat bermegi özüniň mukaddes borjy hasaplapdyr. Şahyryň parasatly hem dana sözleri atalar sözlerine, nakyllara öwrülmek bilen häzirki wagtda hem wajyplygyny ýitirmän gelýär.

«Adam ogly bäş gün duza myhmandyr», «Ömür saly artar alkyş alanyň», «Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär» ýaly pähimler şu günki günde halkyň ýüreginde ýaşaýar. Şahyr özüniň goşgularynda ilki bilen halk bähbitlerinden ugur alypdyr, halkyň aladasy bilen ýaşapdyr. Magtymguly Pyragynyň Watany söýmek, ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak ýaly öwüt-ündewleri häzirki wagtda ýaş nesilleriň kalbynda orun alandyr. Şahyryň mertlik, watançylyk ýaly meseleleri bilen bagly şygyrlary ýaşlary milli ruhda terbiýelemekde aýratyn ähmiýete eýe. Sebäbi Magtymguly Pyragynyň döredijiligi edep-terbiýe mekdebi hasaplanýar.

Şahyryň döredijiligine rus akyldary A.I.Aborksiý uly baha bermek bilen şeýle diýýär: «Özümiň edebiýatçylyk kärime, ýüregimiň buýrugyna görä, men güneşli ülkäni, ine, çärýek asyrdan bäri öwrenip gelýärin. Adamlaryň gylyk-häsiýetleri, halkyň durmuşy, medeniýeti, taryhy meni haýran galdyrýar.Biz köp zatlary öwrenişde bolsak, geçmişiň, hat-da şu günleriň hadysalaryna hem çuň düşünmek üçin öwran-öwran Magtymgula ýüzlenýäris. Biz her sapar ýüzlenenimizde-de, ol biziň üçin ähtibarly maslahatçy, halypa bolup durýar». Akademik A. Krymskiniň: «Beýleki türki halklarynyň şuňa meňzeş ýeke-täk şahyry ýokdur» diýip beren bahalary öz many-mazmunlarynyň aýratyn röwüşliligi bilen tapawutlanýarlar [2, 35 s.].

Türkmen we daşary ýurtly magtymgulyşynaslar, şahyryň terbiýeçilik ähmiýetli goşgularyny öwrenmekde, halka ýetirmekde köp işleri alyp bardylar.

Şahyryň «Türkmeniň», «Döker bolduk ýaşymyz», «Depe nedir, düz nedir» ýaly şygyrlarynda watançylyk, gahrymançylyk ýaly pikirleriň öňe sürülmegi watançylyk duýgusynyň iň beýik derejesidir. Bu goşgular ýaşlary watana söýgi ruhunda terbiýelemekde gymmatly hazyna, ruhy baýlykdyr.

Watan düşünjesi mukaddesdir. Watan goragy bolsa, iň mukaddes zatlaryň başlangyjynda durýar. Şahyryň giň mazmunly şygyrlary tutuş adamzat jemgyýetini watansöýüjilige, agzybirlige, edermenlige ar-namyslylyga, halallyga, adamkärçilige, dost-doganlyga çagyrýar. Onuň watançylyk mazmunyndaky şygyrlary adamzat jemgyýetiniň ähli döwürlerinde hem terbiýeçilik ähmiýetini ýetirmän gelipdir. Ynsanyň iň gymmatly baýlygy, ruhuň daýanç sütüni Watan kemlik edýändigi söz ussadynyň döredijiliginde aýdyň şöhlelenýär.

Şahyryň: «Ýat illerde mysapyrlyk çekenden, Ursa, sögse, horlasa-da il ýagşy», «Eşit, adam, dogan ilden, Gaýry mähriban ýurt bolmaz» ýaly goşgy setirleri ýaş nesli öz watançylyk terbiýesinde terbiýelemäge çagyrýar. Çünki watançylyk terbiýesi türkmen maşgalasynda terbiýäniň iň ýokary mekdebi, terbiýäniň gönezligi hasaplanýar [1, 57 s.].

Pyragynyň döredijiliginiň içinden geçýän esasy meseläniň düýp kökünde terbiýeçilik ähmiýeti bar. Magtymguly Pyragy terbiýeçi şahyr, çünki dana şahyrymyzyň nakyla öwrülen, öwüt-ündew berýän ajaýyp setirleriniň terbiýeçilik ähmiýeti diýseň uludyr. Şonuň üçin şahyryň çuňňur many-mazmuna ýugrulan köptaraply ajaýyp şygyrlaryna her bir ynsan muşdak. Onuň «Baş üstüne», «Bolar sen», «Zor bolar», «Ýoluksa», «Paş eder seni», «Ýör biläni», «Diňni», «Başy gerekdir» ýaly goşgularynda mert, arly-namysly, arassa ahlakly bolmak nesihat edilipdir. Şahyryň bu hili şygyrlarynyň ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemekde ähmiýeti uludyr.

Magtymguly döwürdeşlerini, halky adalatly jemgyýetiň, bagtly ýaşaýşyň gözbaşynyň nämedigine göz ýetirmäge, bolup geçýän zatlaryň düýp mazmunyna düşünmäge çagyrypdyr. Munuň üçin adamlaryň bilimli, ylymly-sowatly, aň-düşünjeli bolmagynyň zerurlygyny äşgär etdi [3, 11 s.]. Aýratyn hem, ýaş nesilleriň ylymly-sowatly bolmaklary örän zerur hasaplanýan şertleriň biridir. Magtymgulynyň ylym, sowat öwrenmekligi ündeýän goşgularynyň terbiýeçilik ähmiýetiniň ýokarydygyny aýratyn bellemelidiris. Şahyryň:

*Kitap gören gullar magnydan dokdur,*
*Anlaryň kalbynda şeýtan bolarmy?* [1, 34 s.]

– diýen setirleri hut şu meseläni beýan edýär. Adamlar kitap okap, ylymly-bilimli bolsa, olaryň ömri, işi, durmuşy manylydyr, ruhy dokdur, baýdyr. Şeýle adamlaryň kalplary arassa bolup, olary hiç wagt şeýtan şer işlere tarap azdyryp bilmez. Ine, şahyr bilimiň, ylmyň ynsanyň ruhy dünýäsindäki hyzmatyny şeýle açyp görkezýär. Magtymguly halky ylymly-bilimli, ruhy sagdyn bolmaga çagyrdy. Adamlaryň

aňyny oýandyrjak, olara ylym-bilim berip biljek hakyky alymlaryň mertebesini göterdi, şolara ýüz öwürmegi nesihat etdi:

*Alymlar kemelse, edep tapmas sen.*

*Alymlara uýsaň açylar gözüň* [4, 23 s.].

Magtymgulynyň adamlaryň aň-düşünjeli, ylymly-bilimli bolmagy üçin edýän aladasy türkmen halkynyň bagtly geljegini, özbaşdak döwletini, kämil ruhly jemgyýetini binýat etmek baradadyr. Hut şundan hem şahyryň bu ugurdaky garaýyşlarynda durmuşy-jemgyýetçilik esaslaryň ýatandygyny görüp bolýar [3].

Şahyryň bu ugurdaky garaýyşlarynda durmuşy-jemgyýetçilik esaslaryň ýatandygyny görüp bolýar. Magtymgulynyň ylym-bilim garaýyşlary Garaşsyzlyga eýe bolmagymyz netijesinde hakyky mazmuna eýe boldy. Häzirki wagtda ata-babalarymyzyň bize galdyran maddy hem ruhy miraslaryna daýanýan milli ylmy mekdebi döredi. Şu günki we geljekki nesilleriň kämil ylym-bilim almagy üçin ýurdumyzda bilimi we ylmy ösdürmek, kämilleşdirmek babatda birnäçe işler alnyp barylýar. Ýaşlara ylym, bilim bermeklik şu günki täze türkmen jemgyýetiniň we halkyň bähbitlerine, talaplaryna laýyk dünýä derejesinde ýola goýuldy. Ylym-bilim babatdaky bu galkynyşlar türkmen halkynyň bir bitewi döwletli bagtly eýýamyna çoh garaşan Magtymguly dananyň arzuw-niýetleriniň hasyl bolandygyny görkezýär.

Çaga dil açanda terbiýe bermek oňa hoş sözleri öwretmekden başlanýar. Akyldar şahyr hoş zybanly, şirin sözli bolmagy ündeýär. Halk arasynda «Ýagşy bilen sözleşseň köňül açylar» ýaly aňyrdan gelýän nakyllar edep-terbiýäniň ýokary nusgasy hasaplanylýar. «Asla adamzada ajy söz urma» diýýän şahyr bir sözüň köňülleri ýykyp, ýakyny daş edip bilýändigini, şonuň üçin hem söze örän seresaply, oýlanyşykly çemeleşmegi wesýet edýär:

*Elden gelen ýagşy işiň bolmasa,*<br>
*Köňül içre ýagşy niýet ýagşydyr* [4, 45 s.].

Türkmen halkynda myhmana ýokary derejede hormat goýulýar. Magtymguly Pyragynyň «Meýdan ýoluksa», «Göze myhmandyr» diýen şygyrlarynda bolsa, halkymyzyň myhmansöýerlik däbi ussatlyk bilen wagyz edilýär. Şahyr gapydan myhman bolup ätläni güler ýüz bilen garşy almagy, oňa baryňdan hödür-kerem etmegi ündeýär. «Myhman atańdan uly» diýen pähime eýerip, myhmanyň möhümini bitirmek üçin eliňden gelen hyzmaty gaýgyrman etmelidigini, edilýän her bir ýagşylygyň hiç wagt ýatdan çykmajakdygyny ýatladýar:

*Gelen aş diýip gelmez, turşutmagyl ýüz,*<br>
*Nana mätäç däldir, söze myhmandyr.*

*Mert ogludyr ile ýazar desterhan* [4, 23 s.].

Magtymguly ulyny sylamagy, ululara hormat goýmagy ýaşlary terbiýelemekde adamkärçiligiň iň gowy häsiýetleriniň biri hasaplaýar. Onuň nukdaýnazaryndan ýaşlar ata-enelerini hormatlap, özlerinden ulyny sylamalydyrlar. Uly adamlar kiçä bir ýumuş buýursalar, ony ýerine ýetirmelidirler. Uly ýaşlylar duşan wagty kiçi ýaşlynyň salam bermegi parzdyr. Ulular gürleşse, kiçiler sözüni bölüp, edepsizlik etmeli däldirler. Şahyryň şeýle pikirleri orta atýan goşgulary az däl. Akyldar şahyr terbiýeçilik ähmiýetli öwüt-nesihat, ahlak häsiýetli şygyrlary bilen çeper edebiýaty halkyň hyzmatyna goýmagy ussatlyk bilen başarypdyr. Onuň döredijiliginiň agramly bölegi öwüt-ündewden, akylly-parasatly maslahatlardan ybarat. Ýazylan wagtyndan bäri nijeme ýyllar geçse-de, şol ajaýyp şygyrlar öz terbiýeçilik ähmiýetini saklaýar.

Türkmen halkynyň baý taryhy bar. Sebäbi türkmen halkynda şan-şöhratly taryhyň döremegine sebäp bolan beýik şahsyýetler kän. Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny, onuň öwüt-ündew, edep-terbiýe bilen bagly garaýyşlaryny, pikirlerini, öwütlerini durmuş ýolunda görelde mekdebi hökmünde görmek nesilleriň mukaddes borjudyr. Magtymguly akyldar söz ussady. Ol Watanyny söýýän päk ahlakly adamlara hormat goýupdyr. Şahyryň şygyrlary elmydama öz gymmatyny ýitirmejek eser bolup galar.

## EDEBIÝAT


1. *Magtymguly*. Şygyrlar. I tom. – A., 1992.
2. Edebiýat we sungat. 2020. – 6-njy oktýabr.
3. *Nuryýewa G*. Magtymgulynyň ylym-biliminiň jemgyýetdäki orny dogrusynda». «Türkmen ruhunyň almaz täji. (makalalar ýygyndysy). – A.: TDNG, 2014.
4. *Ö.Gullyýew*. Terbiýeçi şahyr. // Mugallymlar gazeti. 2015. – 2-nji fewral.



**Mähriban Gandymowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*


# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARY – WATANÇYLYK DUÝGYSYNYŇ BEÝIK NUSGASY

Türkmen halky ylma-bilime uly sarpa goýup gelýän halk. Muňa biz ata-babalarymyzyň çuňňur kelamlarynyň, Magtymguly atamyzyň şygryýetindäki paýhasly pikirleriniň, dana sözleriniň, aýtgylarynyň üsti bilenem anyk göz ýetirýäris. Magtymgulynyň goşgularynda esasy gymmatlyk bolup, il-günüň agzybirligi, asudalygy, bitewüligi hem-de jebisligi öňe çykýar. Magtymgulynyň baý döredijilik mirasy türkmen halkynyň ruhy genji-hazynasynyň, onuň öz köklerini